**Türkmen döwlet binagärlik-**
**gurluşyk institutynyň rektorynyň**
**2025-nji ýylyň** 15 fewral
35/1-iş **belgili buýrugyna 1-nji**
**goşundy**

**Ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşigi guramagyň we geçirmegiň**
**DÜZGÜNNAMASY**

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak ýokary ylmy mümkinçiligi bolan giň gözýetimli, maksada okgunly, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, ýokary hünär taýýarlykly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde öňümizde goýan baş wezipelerini oňyn çözmek, Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny durmuşa geçirmegiň Meýilnamasyny ýerine ýetirmek, bilim ulgamynda innowasiýalary omaşdyrmak, şeýle hem bilimiň hiline garaşsyz gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly Hakaton bäsleşigini guramak we geçiimek boýunça şu Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

Şu Düzgünnama "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly Hakaton bäsleşigini guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasydyr.

## 1. Umumy düzgünler

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň gurnamagynda "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly Hakaton bäsleşigi online usulda 2025-nji ýylyň 9-10-njy aprelinde geçirilýär.

Bäsleşige gatnaşmaklyga isleg bildirýän ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryň hasaba alynyşygy 2025-nji ýylyň mart aýynyň 26-syna çenli dowam edýär. Toparyň sanawyny şu Düzgünnama goşulan 1-nji goşunda laýyklykda sedahojayev06@gmail.com elektron salgysyna 2025-nji ýylyň mart aýynyň 26-syna çenli ugratmaly. Her orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinden diňe 1 topar online usulda uzak aralykdan gatnaşyp biler.

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online usulda geçiriljek Hakaton bäsleşigine ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplar gatnaşyp bilerler.

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly Hakaton bäsleşigi toparlaýyn bäsleşik görnüşinde geçirilýär. Topar agzalary 3(üç) talypdan ybarat bolmalydyr. Topara öz aralaryndan bir agzasyny toparbaşy saýlamaklyga ygtyýar berilýär.

Online usulda geçiriljek "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly Hakaton bäsleşigine ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň her birinden bir toparyň gatnaşmagyna hukuk berilýär.

Bäsleşige gatnaşýan orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň toparlarynyň toparbaşysynyň bäsleşik geçirilýän wagtynda toparyň adyndan guramaçylyk çözgütlerini kabul etmäge we toparyň bähbitlerini gorap çykyş etmäge hukuky bardyr.

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşik Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda bellenilen senelerde kesgitlenilen wagtda geçirilýär.

## 2. "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşigi guramagyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin guramaçylyk Iş topary döredilýär. Guramaçylyk Iş toparynyň düzümi Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

**Guramaçylyk topary:**

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşigini geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de bäsleşigi geçirmek boýunça guramaçylyk işleri alyp barýar;

Bäsleşige gatnaşyjy toparlaryň ýüztutmalaryna seredýär we arz-şikaýat boýunça düşündiriş işleri alyp barýar.

## 3. "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşiginiň esasy maksady

- talyplaryň hünär taýýarlygynyň hilini ýokarlandyrmak;
- talyplaryň döredijilik ukybyny ýokarlandyrmak;
- geljekdäki kärine (hünärine) söýgi döretmek;
- dürli maksatly we ugurly programma üpjünçiliklerini döretmek;
- döredilen programma üpjünçiliginde dürli maglumatlary birikdirmek;
- programma üpjünçilikleriniň işjeňligini ýokarlandyrmagyň ýollaryny kesgitlemek;
- talyplaryň ukyp başarnyklaryny açyp görkezmek;
- talyplaryň okuw işlerinde meseleleri, mysallary çözmekligi öwretmek;
- toparlaýyn işlemekligi öwrenmek.

## 4. "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşigiň şertleri

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşiginiň ýumuşy mysallary we meseleleri çözýän programma üpjünçiliklerini döretmek. Bäsleşige gatnaşyjy bäsleşikde berlen ýumuşy programmirleme dilleriniň, gurallar serişdeleriniň islendiginde ýerine ýetirip biler. Bäsleşige berilýän wagt 3 sagatdan

ybarat bolup, her topara 9 sany mysaldan berilýär. Her mysal üçin 10 ball berilýär. Goşmaça 10 ball işleniş wagtyna görä goşulýar, şeýlelikde jemi 100 ball bilen jemlenýär.

## 5. "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşiginde ulanmaga rugsat berilýän we gadagan edilýän gurluşlar

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly Hakaton bäsleşigine gatnaşyjylara ulanmaklyga ygtyýar berilýär:

- şahsy kompýuter we noutbuk;
- islendik dildäki klawiatura;
- klawiatura üçin dil faýllar;
- syçanjyk.

Bäsleşikde ýatda saklaýjy gurluşlary şeýle hem el telefonlary ulanmak gadagan edilýär.

## 6. "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly Hakaton bäsleşiginiň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşiginiň ýeňijilerini kesgitlemek üçin emin agzalarynyň düzümi döredilýär. Emin agzalarynyň düzümi Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

Bäsleşigiň ýeňijileri emin agzalarynyň goýan ballaryny jemlemek arkaly kesgitlenilýär. Bäsleşigiň netijeleri boýunça bäsleşigiň emin agzalary tarapyndan iň gowy diýlip ykrar edilen toparlar "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşigiň ýeňijileri hasaplanylýar.

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşikde emin agzalary talyplaryň zähmet usullaryna, her bir işiniň tehnologiki sowatlylygyna, ýumşuň wagtynda we dürs ýerine ýetirilişine, tehniki howpsuzluk we zähmeti goramak talaplarynyň dogry berjaý edilişine gözegçiligi ýerine ýetirýärler.

Bäsleşigiň netijeleri boýunça toparlaýyn görnüşde ýeňiji diýip yglan edilenlere 1 sany baş baýrak, 2 sany I orun, 2 sany II orun, 3 sany III orun berilýär.

Bäsleşigiň ýeňijileri Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň I, II, III derejeli diplomlary bilen sylaglanýar.

"Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşiginiň netijeleri teswirnamalar arkaly resmilleşdirilýär we Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

Habarlaşmak üçin tel.:+99362665547 (e-poçta:sedahojayev06@gmail.com)

1-nji goşundy

**Ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçiriljek "Programma üpjünçilik ussatlygy" atly online Hakaton bäsleşigine ______________________________ gatnaşýan talyplar**

orta hünär we ýokary okuw mekdebiniň ady

**we olaryň ýolbaşçy mugallymy barada**

MAGLUMAT

| T/b | Talyplar barada maglumat | | | Ýolbaşçy mugallym barada maglumat | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Familýasy, ady we atasynyň ady | Okaýan hünäri we ýyly | Elektron poçtasynyň salgysy | Familýasy, ady we atasynyň ady | Habarlaşmak üçin |
| 1 | | | | | |
| 2 | | | | | |
| 3 | | | | | |
| 4 | | | | | |
| 5 | | | | | |